# Watana ýüzlenme

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Watana ýüzlenme

WATANA ÝÜZLENME

Aýdylmadyk aýdymlary,
Aýdasym geldi şanyňa.
Sözlem ejiz,deňesem-de,
Seni tendäki janyma.

Waspyňa hiç söz tapmadym,
Deňäp hanyma-manyma.
Seni sözsüz söýüp ýörmek,
Ozaldan siňdi ganyma.

Ganymda gaýnaýan yşgy,
Perzentlerme miras goýsam.
Şeýdip senli yşgym artsa,
Beýiklik dälmidir eýsem.

Perzentlermiň hersi meniň,
Aýdymlarmyň bir bendidir.
Ene ýüregniň aýdymy,
Saňa beren perzendidir.

Gyzylgül ANNAGYLYJOWA.

Goşgular